Türkmenistanyň Daşky gurşawy goramak ministriniň
2023-nji ýylyň 15-nji dekabrynda çykaran 147-Ö belgili
**B U Ý R U G Y**

**«Daşky gurşawy goramak we ekologiýa howpsuzlygyny üpjün etmek babatda döwlet talaplaryny tassyklamak hakynda»**

2019-njy ýylyň 2-nji martynda kabul edilen «Ekologiýa auditi hakynda» Türkmenistanyň Kanunynyň 11-nji maddasynyň 3-nji bendine laýyklykda, **buýurýaryn**:

1. Daşky gurşawy goramak we ekologiýa howpsuzlygyny üpjün etmek babatda döwlet talaplaryny tassyklamaly (goşulýar).

2. Şu buýrugyň ýerine ýetirilişine ministriň orunbasary N.Jumaşow gözegçilik etmeli.

**Ministr** **Ç.Babanyýazow**

Türkmenistanyň Daşky gurşawy
goramak ministriniň
2023-nji ýylyň 15-nji dekabrynda
çykaran 147-Ö belgili buýrugy bilen
tassyklanyldy

**Daşky gurşawy goramak we ekologiýa howpsuzlygyny üpjün etmek babatda döwlet talaplary**

## I bap. Umumy düzgünler

1. Şu Daşky gurşawy goramak we ekologiýa howpsuzlygyny üpjün etmek babatda döwlet talaplary (mundan beýlak - döwlet talaplary) “Ekologiýa auditi hakynda” Türkmenistanyň Kanunynyň 11-nji maddasynyň 3-nji bendine laýyklykda işlenip taýýarlanyldy we Türkmenistanda daşky gurşawy goramak we ekologiýa howpsuzlygyny üpjün etmek boýunça döwlet talaplaryny bellemegiň tertibini kesgitleýär.

2. Daşky gurşawy goramak we ekologiýa howpsuzlygyny üpjün etmek babatda iş alyp barýan, şeýle hem «Ekologiýa auditi hakynda» Türkmenistanyň Kanunynda bellenen ekologiýa auditiniň subýektleri hasaplanýan ýuridik we fiziki şahslar tarapyndan şu döwlet talaplarynyň kadalarynyň ýerine ýetirilmegi hökmanydyr.

3. Şu döwlet talaplarynda aşakdaky esasy düşünjeler ulanylýar:

1) daşky gurşaw - ýeri, topragy, ýerasty baýlyklary, suwlary, tokaýlary, ösümlik we haýwanat dünýäsini, tebigy ekologik ulgamlary, atmosfera

howasyny, klimaty hem-de Ýeriň ozon gatlagyny goşanyňda, tebigy obýektleriň özara hereketindäki jemi;

2) daşky gurşawy goramak - döwlet häkimiýet we dolandyryş edaralarynyň, ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralarynyň, jemgyýetçilik birleşikleriniň, ýuridik we fiziki şahslaryň ýeri, topragy, ýerasty baýlyklary, suwlary, tokaýlary, ösümlik we haýwanat dünýäsini, tebigy ekologik ulgamlary, atmosfera howasyny, klimaty hem-de Ýeriň ozon gatlagyny gorap saklamaga we dikeltmäge, tebigy serişdeleri rejeli peýdalanmaga we gaýtadan dikeltmäge, hojalyk we beýleki işleriň daşky gurşawa ýetirjek ýaramaz täsiriniň öňüni almaga we olary aradan aýyrmaga gönükdirilen işleriň jemi;

3) ekologiýa howpsuzlygy - hojalyk we beýleki işiň, tebigy we tehnogen häsiýetli adatdan daşary ýagdaýlaryň mümkin bolaýjak ýaramaz täsirinden daşky gurşawyň, ilatyň durmuşynyň we saglygynyň goraglylygynyň ýagdaýy;

4) döwlet talaplary - daşky gurşawy goramak babatda Türkmenistanyň kadalaşdyryjy hukuk namalary bilen bellenilen hojalyk we beýleki işlere bildirilýän ýerine ýetirilmegi hökmany bolan talaplar, çäklendirmeler we (ýa-da) gadaganlyklar;

5) daşky gurşawy goramak babatda gözegçilik - daşky gurşawy goramak babatdaky Türkmenistanyň kanunçylygynyň bozulmagynyň öňüni almaga, ýüze çykarmaga we oňa ýol berilmezligine, hojalyk we beýleki işiň subýektleri tarapyndan ekologik talaplaryň berjaý edilmegini üpjün etmäge gönükdirilen çäreleriň ulgamy;

6) ekologiýa auditi - daşky gurşawy goramak we ekologiýa howpsuzlygyny üpjün etmek babatda Türkmenistanyň kanunçylygynyň, kada görkezijileriniň, kadalaşdyryjy resminamalaryň hem-de standartlaryň talaplarynyň, şeýle hem halkara ekologik kada görkezijileriniň we standartlarynyň talaplarynyň hojalyk we beýleki işiň subýekti tarapyndan berjaý edilişine garaşsyz, toplumlaýyn, resminamalaşdyrylan baha berilmegi, işiň ýagdaýy barada netijenamalaryň we ony gowulandyrmak boýunça teklipleriň taýýarlanylmagy;

7) ekologiýa seljermesi - meýilleşdirilýän hojalyk we beýleki işiň daşky gurşawa we ilatyň saglygyna edip biläýjek ýaramaz täsiriniň öňüni almak maksady bilen geçirilýän, meýilleşdirilýän hojalyk we beýleki işiň daşky gurşawa we ilatyň saglygyna edip biläýjek täsirine hem-de bu işleriň ölçeg möçberleriniň daşky gurşawyň hil kadalaryna we ekologiýa talaplara laýyklygyna deslapdan baha berme;

8) meýilleşdirilýän hojalyk we beýleki iş - daşky gurşawa we ilatyň saglygyna täsir edip biljek täze gurluşyk, önümçiligiň durkuny täzelemek, giňeltmek, tehniki taýdan gaýtadan enjamlaşdyrmak, kämilleşdirmek, iş ugruny üýtgetmek, ony ýatyrmak we beýleki iş;

9) ygtyýarlandyrylan edara - Türkmenistanyň Daşky gurşawy goramak ministrligi.

4. Daşky gurşawy goramak we ekologiýa howpsuzlygyny üpjün etmek babatda bildirilýän döwlet talaplaryna şular degişlidir:

1) hojalyk we beýleki işi amala aşyrýan ýuridik we fiziki şahslaryň işine bildirilýän umumy döwlet talaplar;

2) jaýlar, desgalar we beýleki obýektler taslamalaşdyrylanda, ýerleşdirilende, gurlanda, durky täzelenilende, ulanyşa girizilende, ulanylanda we ýykylanda bildirilýän döwlet talaplar;

3) senagat, energetika, ulag we aragatnaşyk, oba we suw hojalyk desgalary ulanylanda bildirilýän döwlet talaplar;

4) şäherler we beýleki ilatly ýerler gurlanda bildirilýän döwlet talaplar;

5) himiki maddalar ulanylanda bildirilýän döwlet talaplar;

6) tebigaty galmagalyň, wibrasiýanyň, magnit meýdanlarynyň, infragyzyl şöhlelenmäniň we beýleki zyýanly fiziki täsirleriň zyýanly täsirlerinden goralmaga bildirilýän döwlet talaplar;

7) tebigaty zyýanly biologik täsirden goramaga bildirilýän döwlet talaplar;

8) galyndylar bilen işlenilende bildirilýän döwlet talaplar;

9) Hazar deňziniň türkmen böleginde hojalyk we beýleki işler amala aşyrylanda bildirilýän döwlet talaplar.

## II bap. Daşky gurşawy goramak we ekologiýa howpsuzlygyny üpjün etmek babatda döwlet talaplarynyň maksady, ýörelgeleri we ekologiýa howpsuzlygyny üpjün etmegiň serişdeleri

5. Hojalyk we beýleki işler ýerine ýetirilende olaryň daşky gurşawa ýetirjek ýaramaz täsiriniň öňüni almak we olary aradan aýyrmak maksady bilen, Türkmenistanyň kadalaşdyryjy hukuk namalarynda ýerine ýetirilmegi hökmany bolan talaplaryň, çäklendirmeleriň we (ýa-da) gadaganlyklaryň bellenilmegi, daşky gurşawy goramak we ekologiýa howpsuzlygyny üpjün etmek babatda döwlet talaplarynyň maksady bolup durýar.

6. Daşky gurşawy goramak we ekologiýa howpsuzlygyny üpjün etmek babatda bildirilýän döwlet talaplary şu ýörelgelere laýyklykda amala aşyrylýar:

1) hojalyk we beýleki işleriň ýerine ýetirilmegi baradaky çözgütler kabul edilmeginden öň, onuň daşky gurşawa we ilatyň saglygyna etjek täsiri barada döwlet ekologiýa seljermesini geçirmegiň hökmanylygy;

2) hojalyk we beýleki işleriň daşky gurşawa ýetirýän täsirini şu döwlet talaplarynda we Türkmenistanyň beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalarynda kesgitlenen talaplara laýyklykda ýerine ýetirilmegi;

3) ösen tehnologiýalary ulanmak arkaly hojalyk we beýleki işleriň önümçiliginiň daşky gurşawa ýaramaz täsiriniň azalmagynyň üpjün edilmegi;

4) netijeleri daşky gurşaw üçin öňünden aýdyp bolmajak hojalyk we beýleki işleriň, şeýle hem daşky gurşawa ýaramaz täsir edip biljek taslamalaryň durmuşa geçirilmeginiň gadagan edilmegi;

5) tebigy ekologiki ulgamlary goramagyň ileri tutulmagy;

6) meýilleşdirilýän ýa-da amala aşyrylýan hojalyk we beýleki işiň ekologiýa howpsuzlygyny üpjün etmäge bolan talaplara laýyklygy;

7) meýilleşdirilýän hojalyk we beýleki işiň taslamalarynyň çaklanylýan durmuşa geçirilmeginiň netijesinde ekologiýa howpsuzlygyna abanýan howplaryň döremegine garşy seresaplylyk çäreleriniň ýeterlikligi;

8) önümçiligi daşky gurşawa täsirini ýetirip biljek hojalyk we beýleki işler meýilleşdirilende, işe girizilende, işlenende açyklyk ýörelgesiniň berjaý edilmegi we jemgyýetçilik birleşmeleri, ilat bilen ýakyn aragatnaşykda bolmak bilen tebigy baýlyklary goramaga we oýlanyşykly peýdalanmaga gönükdirilen çäreleriň höweslendirilmegi.

7. Hojalyk we beýleki işler ýerine ýetirilende ekologiýa howpsuzlygyny üpjün etmegiň serişdeleri şulardan ybarat:

1) hojalyk we beýleki işler ýerine ýetirilende daşky gurşawa ýaramaz täsiriň azalmagyny, işgärleriň howpsuzlygyny we adatdan daşary ýagdaýlaryň öňüni almagy üpjün edýän tehnologiki ösen we howpsuzlyk aýratynlyklary bolan enjamlary we tehniki serişdeler;

2) hojalyk we beýleki işler ýerine ýetirilende zyňyndylary, tebigaty we howany hapalaýjy zyňyndylary arassalamak üçin täsirli usullary we tehnologiýalary ulanmak;

3) hojalyk we beýleki işler ýerine ýetirilende daşky gurşawa ýaramaz täsir ediş derejesini azaltmaga mümkinçilik berýän, şeýle hem galyndylary ütülleşdirmäge we senagat taýdan ikinji gezek gaýtadan işlemäge ukyply tehnologiýalary ulanmak;

4) şu döwlet talaplarynda kesgitlenen talaplary göz öňünde tutup, hojalyk we beýleki işleriň ýerine ýetirilmegi baradaky çözgütler kabul edilmeginden öň, onuň daşky gurşawa, ekologiýa howpsuzlygyna etjek täsirini bahalandyrmak.

## III bap. Daşky gurşawy goramak we ekologiýa howpsuzlygyny üpjün etmek babatda döwlet talaplary

8. Türkmenistanda hojalyk we beýleki işi amala aşyrýan ýuridik we fiziki şahslaryň işine daşky gurşawy goramak we ekologiýa howpsuzlygyny üpjün etmek babatda bildirilýän umumy döwlet talaplary şulardan ybaratdyr:

1) daşky gurşawy goramak boýunça çäreleriň meýilnamalaryny işläp taýýarlamak we kabul etmek arkaly tebigaty goramak boýunça maksatnamalary üpjün etmek;

2) tebigy serişdeleri peýdalanmagyň ýagdaýyny we olaryň daşky gurşawa ýetirýän täsiriniň derejesini görkezijileriň ulgamy arkaly aňladylan maglumatlaryň toplumyny göz öňünde tutýan, Ygtyýarlandyrylan edara bilen ylalaşylyp, ýuridik ýa-da fiziki şahslaryň özleri tarapyndan tassyklanýan ekologik pasportlary işläp taýýarlamak;

3) hojalyk we beýleki işi amala aşyrylanda daşky gurşawy goramak we ekologiýa howpsuzlygyny üpjün etmek üçin aşakdakylar gadagandyr:

a) galyndylary arassalaýjy, zyňyndylaryň derejesine gözegçilik etmäge ukyply tehnologik enjamlar bilen enjamlaşdyrylmadyk, şeýle hem az galyndy tehnologiýalary ulanmaýandygy sebäpli daşky gurşawa, atmosfera howasyna zyňyndylaryň derejesini görkezmeýän hojalyk we beýleki işleri ýerine ýetirýän obýektleriň işe girizilmegi;

b) daşky gurşawa, atmosfera howasyna hapalaýjy maddalaryň zyňyndylarynyň düzümi we mukdary boýunça ýörite tehniki düzgünleriň talaplaryna, şeýle hem ses derejesinde talaba laýyk gelmeýän awtoulag serişdeleriniň ulanylmagy, sürülmegi;

ç) hojalyk we beýleki işi amala aşyrylanda emele gelýän galyndylaryň ilatyň ýaşaýan ýeriniň golaýyna dökmek, gömmek, ýakmak we ýoklamak.

9. Jaýlar, desgalar we beýleki obýektler taslamalaşdyrylanda, ýerleşdirilende, gurlanda, durky täzelenilende, ulanyşa girizilende, ulanylanda we ýykylanda bildirilýän döwlet talaplary şulardan ybaratdyr:

1) daşky gurşawa göni ýa-da gytaklaýyn ýaramaz täsir edýän jaýlaryň, desgalaryň we beýleki obýektleriň taslamalaşdyrylmagy, ýerleşdirilmegi, durkunyň täzelenilmegi, ulanyşa girizilmegi, ulanylmagy, duruzylmagy we ýykylmagy tebigaty goramak babatdaky talaplara laýyklykda we ekologik howpsuzlygy üpjün etmek bilen amala aşyrylmalydyr;

2) jaýlar, desgalar we beýleki obýektler ýerleşdirilende olaryň işiniň netijeleri tebigaty goramak, tebigatdan rejeli peýdalanmak we gaýtadan dikeltmek babatdaky talaplaryň ýerine ýetirilmegi üpjün edilmelidir;

3) jaýlar, desgalar we beýleki obýektler taslamalaşdyrylanda olaryň daşky gurşawa edýän täsiri, daşky gurşawyň hapalanmagynyň öňüni almak we aradan aýyrmak boýunça çäreler, şeýle hem önümçiligiň we sarp edişiň galyndylaryny ýerleşdirmegiň usullary göz öňünde tutulmalydyr, tebigaty goramaga we ony dikeltmäge, tebigy serişdeleriň rejeli peýdalanylmagyna we gaýtadan dikeldilmegine ýardam edýän serişde tygşytlaýjy, az galyndyly, galyndysyz we beýleki bar bolan iň gowy tehnologiýalar ulanylmalydyr;

4) jaýlaryň, desgalaryň we beýleki obýektleriň gurluşygy we durkunyň täzelenilmegi, tebigaty goramak babatda talaplaryň berjaý edilip döwlet ekologiýa seljermesi bilen ylalaşylan, tassyklanan taslamalar boýunça amala aşyrylmalydyr;

5) jaýlary, desgalary we beýleki obýektleri ulanyşa girizmek taslama resminamalarynda göz öňünde tutulan daşky gurşawy goramak çäreleriniň doly möçberde ýerine ýetirilen şertinde amala aşyrylmalydyr;

6) jaýlar, desgalar we beýleki obýektler ýykylanda, sökülip aýrylanda daşky gurşawy goramak çäreleri doly möçberde ýerine ýetirilip, “Binagärlik işi hakynda” Türkmenistanyň Kanunynyň, gurluşyk işi babatda Türkmenistanyň beýleki kadalaşdyryş hukuk namalarynyň we gurluşyk kadalarynyň talaplary berjaý edilip ýykylmalydyr.

10. Senagat, energetika, ulag we aragatnaşyk, oba we suw hojalyk desgalary ulanylanda bildirilýän döwlet talaplary şulardan ybaratdyr:

1) senagat, energetika, ulag we aragatnaşyk, oba we suw hojalyk desgalarynyň ulanylmagy bellenilen ekologik talaplaryň hasaba alynmagy we ekologik taýdan esaslandyrylan tehnologiýalaryň, zerur bolan arassalaýjy desgalaryň ulanylmagy we daşky gurşawyň hapalanmagyny aradan aýyrýan arassaçylyk-gorag zolaklaryny bellemek bilen amala aşyrylmalydyr;

2) senagat, energetika, ulag we aragatnaşyk, oba we suw hojalyk desgalary ulanylanda az galyndyly, galyndysyz tehnologiýalar önümçilige ornaşdyrylmalydyr, olar zyýanly galyndylary, hapalaýjy maddalaryň zyňyndylaryny we dökündilerini arassalamak, zyýansyzlandyrmak we gaýtadan ulanmak üçin netijeli serişdeler bilen enjamlaşdyrylmalydyr;

3) senagat, energetika, ulag we aragatnaşyk, oba we suw hojalyk desgalarynda ýangyjyň howpsuz görnüşleri ulanylmalydyr, tebigy serişdeleri tygşytly we rejeli peýdalanylmalydyr, ekologik howpsuzlygy üpjün etmek boýunça çäreler görülmelidir;

4) aragatnaşyk we elektrik ulgamy taslanylanda we gurlanda, direglere birikdirilen ýerlerde tok geçiriji simler bilen galtaşyk ýüze çykan halatynda guşlaryň ölüm howpunyň öňüni almak we azaltmak çäreleri görülmelidir;

5) elektrik ulgamlar, diregler we izolýatorlar guşlary häzirki göteriji simlere degmäge mümkinçilik berýän ýerlerde höwürtgelemeginiň öňüni alýan enjamlary goşmak bilen ýörite guşlary goramak enjamlary bilen enjamlaşdyrylmalydyr;

6) awtoulag ýollary taslanylanda, gurlanda we ulanylanda, haýwanat dünýäsiniň obýektleriniň jemlenen ýerlerinde we olaryň göçüp barýan ugurlarynda, balyklaryň we ýerüsti haýwanlaryň erkin göçmegi üçin awtoulag ýollarynyň howply bölekleri belgilenmelidir, haýwanlar üçin ýörite geçelgeler göz öňünde tutulmalydyr, kiçi derýalarda we kanallarda köprüler, böwetler gurlanda balyklaryň ýüzüp geçmegi üçin şertler döredilmelidir;

7) ýokary tizlikli, gyralary germawly awtoýollar taslamalaşdyrylanda, gurlanda ýabany we öý haýwanlarynyň päsgelçiliksiz geçmekleri üçin ýörite ýerasty geçelgeler goýulmalydyr;

8) senagat, energetika, ulag we aragatnaşyk, oba we suw hojalyk desgalary ulanylanda şular gadagandyr:

a) howply desgalary suw gorag zolaklaryna we goralýan suw zolaklaryna ýerleşdirmek;

b) içmek, öý hojalygy, balykçylyk maksatlary, oba hojalygy, sagaldyş maksatlary üçin niýetlenen suwlaryň, şeýle hem arassalanmadyk, zyýansyzlandyrylmadyk we ýokançsyzlandyrylmadyk hapa suwlary ýerasty suwlaryna we ekinleriň suwaryş meýdanlaryna akdyrmak;

ç) şäher we ýerli lagym ulgamyna kabul edilmeginiň talaplaryna laýyk gelmeýän, içki arassalaýyş desgalarynda deslapky arassalanmadyk lagym suwlary we senagat hapa suwlary şäher we ýerli lagym ulgamyna akdyrmak;

d) düzüminde hilini we görnüşini anyklamak usullary kesgitlenmedik maddalary saklaýan senagat hapa suwlary lagym ulgamlaryna akdyrmak;

e) hapa suwlary arassalaýjy desgalar we olaryň işleýşine gözegçilik serişdeleri bilen enjamlaşdyrylmadyk hojalyk we beýleki işleri ýerine ýetirýän obýektleri işe girizmek we ulanmak;

ä) öz-özi hereket edýän we özi hereket etmeýän gämileri, şeýle hem suw desgalarynyň üstünde ýerleşýän beýleki desgalary ulanmak, eger-de bu gämilerde we desgalarda emele gelen lagym suwlary, galyndylary we zibilleri ýygnamak üçin enjamlary bolmasa;

f) lagym suwlaryny suw desgalaryna akdyrmak;

g) lagym ulgamynyň galyndylaryny rugsat berilmedik ýerlere akdyrmak ýa-da saklamak.

11. Şäherler we beýleki ilatly ýerler gurlanda bildirilýän döwlet talaplary şulardan ybaratdyr:

1) şäherleriň we beýleki ilatly ýerleriň taslamalaşdyrylmagy, gurulmagy, durkunyň täzelenilmegi ekologik howpsuzlygyň we daşky gurşawy gorap saklamagyň talaplaryny hasaba almak bilen, ilatyň ýaşamagy, zähmet çekmegi we dynç almagy üçin has amatly şertleri üpjün etmelidir;

2) şäherleriň we beýleki ilatly ýerleriň gurulmagy meýilleşdirilende we gurlanda senagat we jemagat-hojalyk galyndylarynyň sanitar taýdan arassalanylmagy, zyýansyzlandyrylmagy, gaýtadan ulanylmagy, ammarlaşdyrylmagy, howpsuz aýrylmagy, gaýtadan işlenilmegi we gömülmegi göz öňünde tutulmalydyr;

3) şäherleriň we beýleki ilatly ýerleriň daş-töwereginde çäklendirilen tebigatdan peýdalanyş düzgünli tokaý-seýilgäh, agaç we gorag zolaklary döredilmelidir.

12. Himiki maddalar ulanylanda bildirilýän döwlet talaplary şulardan ybaratdyr:

1) ýuridik we fiziki şahslar himiki maddalary öndürende, saklanda, daşanda, ulananda, zyýansyzlandyranda we gömülende ekologik talaplary berjaý etmelidirler;

2) ýuridik we fiziki şahslar himiki maddalary peýdalanmagyň bellenen kadalaryny üpjün etmelidirler we olaryň ulanylmagy bilen baglanyşykly daşky gurşawa ýetirýän zyýanly netijeleriniň öňüni almak we aradan aýyrmak boýunça çäreleri görmelidirler;

3) ýuridik we fiziki şahslar himiki maddalary peýdalanmagyň netijesinde emele gelen ýagdaýlaryň bellenilen kadalaryndan geçende himiki howpsuzlygy üpjün etmek babatdaky degişli edaralary haýal etmän habar bermelidirler;

4) himiki maddalar ulanmak, serhetüsti alnyp gidilmek, zyýansyzlandyrmak we gömmek üçin daşalanda, saklananda, ulanylanda ýapyk gaplarda, haltalarda, konteýnerlerde daşalmalydyr we saklanmalydyr;

5) Türkmenistanyň kadalaşdyryjy hukuk namalaryna laýyklykda himiki galyndylary we materiallary saklamak ýa-da gömmek maksady bilen Türkmenistana beýleki döwletlerden getirilmegi gadagandyr.

13. Tebigaty galmagalyň, wibrasiýanyň, magnit meýdanlarynyň, infragyzyl şöhlelenmäniň we beýleki zyýanly fiziki täsirleriň zyýanly täsirlerinden goramakda bildirilýän döwlet talaplary şulardan ybaratdyr:

1) hojalyk we beýleki işi amala aşyrýan ýuridik we fiziki şahslar daşky tebigy gurşawa, önümçilik, jemgyýetçilik we ýaşaýyş jaýlarynda, köçelerde, howlularda, şäherleriň we beýleki ilatly ýerleriň meýdançalarynda, ilatyň dynç alýan zolaklarynda we ýabany haýwanlaryň ýaşaýan ýerlerinde galmagalyň, wibrasiýanyň, magnit meýdanlarynyň, infragyzyl şöhlelenmäniň we beýleki ýaramaz fiziki täsirleriň zyýanly täsiriniň öňüni almak we aradan aýyrmak boýunça zerur çäreleri görmelidirler;

2) şäherleriň we beýleki ilatly ýerleriň gurulmagy meýilleşdirilende we gurlanda, önümçilik ýa-da beýleki desgalar taslamalaşdyrylanda, gurlanda, durky täzelenilende we ulanylanda, täze tehnika döredilende we özleşdirilende, ulag we aragatnaşyk serişdeleri ulanylanda galmagalyň, wibrasiýanyň, magnit meýdanlarynyň, infragyzyl şöhlelenmäniň we beýleki zyýanly fiziki täsirleriň aňryçäk ýol berilýän derejeleriniň kadalary berjaý edilmelidir.

14. Tebigaty zyýanly biologik täsirden goramakda bildirilýän döwlet talaplary şulardan ybaratdyr:

1) hojalyk we beýleki işiniň görnüşi daşky tebigy gurşawa biologik taýdan täsir edýän ýa-da edip biljek ýuridik we fiziki şahslar mikroorganizmleriň, haýwanlaryň, ösümlikleriň we maddalaryň biologik görnüşleriniň ekologik taýdan howpsuz öndürilmegini (döredilmegini), goralmagyny (saklanylmagyny), uýgunlaşdyrylmagyny we öňki mesgenine gaýtadan uýgunlaşdyrylmagyny, daşalmagyny we peýdalanylmagyny üpjün etmelidirler;

2) hojalyk we beýleki işiň görnüşi daşky tebigy gurşawa biologik taýdan täsir edýän ýa-da edip biljek ýuridik we fiziki şahslar işiniň netijeleri boýunça döräp biljek heläkçilikleriň öňüni almak, tebigata we adamyň saglygyna, tebigy genofonduň we ekologik ulgamlaryň goralyp saklanylmagyna zyýanly biologik täsiriň netijeleriniň öňüni almak we aradan aýyrmak boýunça çäreleri işläp taýýarlamalydyrlar (ösümlikler, haýwanlar, guşlar we balyklar).

15. Galyndylar bilen işlenilende bildirilýän döwlet talaplary şulardan ybaratdyr:

1) ýuridik we fiziki şahslar önümçiligiň we sarp edişiň galyndylaryň emele gelmegini azaltmak, olary peýdalanmak, zyýansyzlandyrmak, gaýtadan işlemek, ammarlaşdyrmak we gömmek boýunça zerur çäreleri görmelidirler;

2) galyndylar bilen işlenende aşakdakylar gadagandyr:

a) galyndylar we arassalanmadyk hapa suwlar ýerüsti we ýerasty suw desgalaryna, suw gorunyň ýerlerine, ýaşaýyş jaý toplumlarynyň, tokaý gorunyň, oba hojalyk meýdanlarynyň we beýleki tebigy obýektleriň çäklerine dökmek;

b) gurluşyk galyndylary gönüden-göni gurulýan desganyň çäginde we oňa ýanaşyk çäklerde gömmek;

ç) Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda howply galyndylary Türkmenistanyň çägine import we (ýa-da) Türkmenistanyň çäginden daşary ýurtlara eksport etmek;

d) howply galyndylary şäherleriň we beýleki ilatly ýerleriň golaýyndaky çäklerde, suwarymly ýerlerde, derýalaryň we akabalaryň kenarynda, suw desgalarynda, şol sanda Hazar deňziniň türkmen böleginiň akwatoriýasynda we suw gorunyň ýerlerinde, şypahana, bejeriş-sagaldyş we dynç alyş zolaklarynda we daşky tebigy gurşawyň ýagdaýyna we ilatyň saglygyna howp döredilip bilinjek beýleki ýerlerde gömmek;

e) howply galyndylary özbaşdak gömmek, ýakmak, ýoklamak ýa-da gömülen howply galyndylary özbaşdak gazyp almak, çykarmak;

3) howply galyndylary ýörite gurluşlarda zyýansyzlandyrmak, olary meýdanlarda gömmek we ammarlaşdyrmak Türkmenistanyň kadalaşdyryjy hukuk namalaryna laýyklykda rugsady bolan halatynda ýerine ýetirilmelidir;

4) howply galyndylaryň ammarlaşdyrylan we gömülen ýerleri, olaryň daşky gurşawa we adamlaryň saglygyna ýetirip biljek täsirleri baradaky maglumatlar Ygtyýarlandyrylan edaranyň wezipeli adamlary tarapyndan hasaba alynmalydyr;

5) howply galyndylar barada Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda galyndylaryň howplulyk pasporty ýöredilmelidir, oňa howply galyndynyň hili, görnüşi we howplulyk derejesi baradaky maglumatlar girizilmelidir;

6) howply galyndylary toplanýan ýerine daşamak, saklamak, ütülleşdirmek, gömmek we (ýa-da) ýok etmek şu şertler berjaý edilende rugsat berilýär:

a) howply galyndylaryň pasporty bolan mahalynda;

b) ýörite enjamlaşdyrylan we ýörite bellikleri bolan awtoulaglar bolan mahalynda;

ç) howply galyndynyň daşalmagynyň maksady, daşalyp eltilmeli ýeriniň salgysy, möçberi barada görkezilen rugsatnamasy we awtoulagda daşamaklyga ýörite rugsady bolan mahalynda.

16. Daşky gurşawy goramak we ekologiýa howpsuzlygyny üpjün etmek babatda bildirilýän döwlet talaplary Hazar deňziniň türkmen böleginde hojalyk we beýleki işler amala aşyrylanda “Tebigaty goramak hakynda” Türkmenistanyň Kanunynda, zyňyndylaryň stasionar we stasionar däl çeşmelerinden atmosfera howasyna hapalaýjy maddalaryň zyňylan mahalynda atmosfera howasyny goramak boýunça talaplar “Atmosfera howasyny goramak hakynda” Türkmenistanyň Kanunynda, radiasiýa howpsuzlygynyň üpjün edilmegine bildirilýän umumy talaplar “Radiasiýa howpsuzlygy hakynda” Türkmenistanyň Kanunynda bellenen tertipde amala aşyrylýar.

## IV bap. Jemleýji düzgünler

17. Şu döwlet talaplarynyň kadalarynyň berjaý edilişine Ygtyýarlandyrylan edara gözegçilik edýär.

18. Şu döwlet talaplarynda bellenen kadalaryň berjaý edilmezligi Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda bellenilen jogapkärçilige eltýär.

19. Şu döwlet talaplarynyň kadalarynyň berjaý edilmegi bilen bagly ýüze çykan jedeller Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenen tertipde çözülýär.

20. Şu döwlet talaplary bilen kadalaşdyrylmadyk gatnaşyklar Türkmenistanyň beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalary bilen düzgünleşdirilýär.

Türkmenistanyň Adalat ministrligi tarapyndan
2023-nji ýylyň 26-njy dekabrynda 1756 bellige
alyş belgisi bilen döwlet belligine alnan.